#188 (210)
среда, 31 июля 2024 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI



***26-njy iýulda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onuň gün tertibine döwlet durmuşynyň birnäçe meseleleri girizildi.***

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa çykyş edip, döwlet durmuşynyň dürli ulgamlaryny kanunçylyk taýdan üpjün etmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän täze kanun taslamalaryny işläp taýýarlamagyň möhüm wezipeleriň biri bolup durýandygyny belledi we bu ugurda alnyp barylýan işleri netijeli dowam etdirmegiň möhümdigine ünsi çekdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna gatnaşyjy döwletleriň Zähmet, iş üpjünçilik we ilaty durmuş taýdan goramak boýunça maslahat beriş geňeşiniň 37-nji mejlisiniň guramaçylyk meseleleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, GDA-nyň ykdysady ulgamda hereket edýän pudaklaýyn hyzmatdaşlyk edaralary bilen gatnaşyklary has-da işjeňleşdirmek boýunça degişli işler alnyp barylýar.

Wise-premýer şu ýylyň 14-nji iýunynda sanly ulgam arkaly GDA gatnaşyjy döwletleriň ygtyýarly edaralarynyň, GDA-nyň Ýerine ýetiriji komitetiniň we degişli edaralarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilen duşuşygyň netijeleri barada hasabat berip, hormatly Prezidentimiziň garamagyna maslahat beriş geňeşiniň nobatdaky mejlisini Aşgabat şäherinde şu ýylyň oktýabrynda geçirmek baradaky teklibi hödürledi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna agza ýurtlar bilen söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ugurlarda hyzmatdaşlygy yzygiderli berkidýändigini belledi. Şeýle hem bu guramanyň pudaklaýyn edaralary bilen gatnaşyklar giňeldilýär diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we wise-premýere Aşgabat şäherinde geçiriljek Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna gatnaşyjy döwletleriň Zähmet, iş üpjünçilik we ilaty durmuş taýdan goramak boýunça maslahat beriş geňeşiniň nobatdaky mejlisine gowy taýýarlyk görmegi we ony ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow «Türkmengaz» döwlet konserniniň «Galkynyş» gaz käninde goşmaça gazylmagy göz öňünde tutulýan gaz guýularynyň gurluşygyny zerur bolan serişdeler bilen üpjün etmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, «Galkynyş» gaz käni türkmen tebigy gazyny goňşy we sebit döwletlerine bökdençsiz ibermekde çig mal çeşmesi bolup hyzmat edýär. Käni özleşdirmegiň birinji tapgyrynda önüm berýän gaz guýularynyň goşmaça guýularyny burawlamak, önümçilige girizmek meýilleşdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, olaryň uzak wagtlap bökdençsiz we ygtybarly işlemegini üpjün etmek zerur bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, «Galkynyş» gaz käninde goşmaça gazylmagy göz öňünde tutulýan gaz guýularynyň buraw işlerini ýerine ýetirmek üçin zerur bolan enjamlary we serişdeleri satyn almak boýunça teklibi goldaýandygyny aýtdy hemde wise-premýere bu babatda birnäçe tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary T.Atahallyýewiň, B.Annamämmedowyň, B.Atdaýewiň, M.Mämmedowanyň gözegçilik edýän ulgamlarynda alnyp barylýan işleri kämilleşdirmek boýunça görülýän çäreler baradaky hasabaty diňlenildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 33 ýyllyk baýramy mynasybetli geçirilýän zehinli çagalaryň «Garaşsyzlygyň merjen däneleri» bäsleşiginiň döwlet tapgyryna görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, milli medeniýetimizi, sungatymyzy ösdürmek, ýaş nesillerimizde sungata bolan söýgini döretmek, olaryň tebigy zehinlerini ýüze çykarmak we kämilleşdirmek maksady bilen, ýurdumyzda aýdym-saz, döredijilik bäsleşikleriniň yzygiderli geçirilýändigini belledi we wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň wekiliýetiniň Pakistan Yslam Respublikasyna amala aşyran gulluk iş saparynyň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, türkmen-pakistan gatnaşyklarynyň ýokary depginde ösdürilýändigini kanagatlanma bilen belledi we wise-premýer, daşary işler ministrine degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek, hünärmenleri taýýarlamak, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürýän önümçilikleri döretmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, «Tehno Merkez» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti tarapyndan ýurdumyzda dürli görnüşli serwer, maglumat saklaýjy we kiberhowplardan goraýjy enjamlaryň önümçiligini ýola goýmagyň maksadalaýykdygy öwrenildi. Şunuň bilen birlikde, geljekde serwer enjamlaryna abatlaýyş, tehniki goldaw bermek işlerini hem-de «akylly» şäher, «akylly» öý ulgamlary üçin zerur bolan enjamlaryň önümçiligini ýola goýmak göz öňünde tutulýar. Munuň özi goşmaça iş orunlaryny döreder, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrar. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklip hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmäge uly üns berilýändigini, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçilikleri ýola goýmakda maksatnamalaýyn işleriň durmuşa geçirilýändigini nygtady. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzda serwer, maglumat saklaýjy we kiberhowplardan goraýjy enjamlaryň önümçiligini ýola goýmak baradaky teklibi goldap, agentligiň ýolbaşçysyna bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## Президент Туркменистана поздравил Президента Республики Узбекистан

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Узбекистан Шавкату Мирзиёеву по случаю его дня рождения.

«С большим удовлетворением хотел бы отметить, что туркмено-узбекские отношения, основанные на принципах добрососедства, дружбы и взаимопонимания, с каждым годом наполняются новым содержанием, их отличают большое взаимное доверие и открытость. Мы намерены и далее расширять прошедшие испытание временем политические, торгово-экономические и культурно-гуманитарные связи между нашими странами», – подчеркнул глава государства в своём послании.

Выразив твёрдую убеждённость, что совместными усилиями туркмено-узбекские межгосударственные отношения и стратегическое партнёрство и впредь будут неуклонно развиваться на благо наших братских народов, Президент Туркменистана от всей души адресовал Президенту Шавкату Мирзиёеву крепкого здоровья, счастья, семейного благополучия и новых успехов в государственной деятельности, а братскому народу Узбекистана – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## Президент Туркменистана поздравил Короля Марокко

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Королю Марокко Мохаммеду VI по случаю национального праздника – Дня восхождения на трон.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана выразил Королю Мохаммеду VI сердечные пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Королевства Марокко – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## Президент Туркменистана поздравил руководство Республики Ирак

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Ирак Абдулу Латифу Рашиду, Премьер-министру Республики Ирак Мухаммаду Шиа Аль Судани и народу страны в связи с 15-летием установления дипломатических отношений между двумя странами.

Отметив, что отношения Туркменистана и Республики Ирак основаны на обоюдном уважении, равноправии и доверии, глава государства подчеркнул заинтересованность нашей страны в расширении двусторонних связей и выразил уверенность в последовательном наращивании межгосударственного взаимодействия в интересах обоих народов благодаря совместным усилиям.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава государства адресовал Президенту Абдулу Латифу Рашиду, Премьер-министру Мухаммаду Шиа Аль Судани искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Ирака – дальнейшего прогресса и процветания.

Интернет газета
Международные новости



# ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ ВЕРИТЕЛЬНЫЕ ГРАМОТЫ У НОВОГО ЧРЕЗВЫЧАЙНОГО И ПОЛНОМОЧНОГО ПОСЛА ФЕДЕРАТИВНОЙ РЕСПУБЛИКИ ГЕРМАНИЯ

*24 июля 2024 года Президент Сердар Бердымухамедов принял вновь назначенного Чрезвычайного и Полномочного Посла Федеративной Республики Германия в Туркменистане Бернда Хайнце.*



Выразив признательность за уделённое для встречи время и возможность в личной беседе обсудить нынешнее состояние и перспективы развития межгосударственного сотрудничества, дипломат вручил главе государства верительные грамоты и передал тёплые слова приветствия от Президента ФРГ Франка-Вальтера Штайнмайера и Канцлера Олафа Шольца, адресовавших пожелания счастья и благополучия Президенту Туркменистана, а также Национальному Лидеру турк-менского народа Гурбангулы Бердымухамедову и всем туркменистанцам.

Тепло поприветствовав посла на древней и гостеприимной туркменской земле, Президент Сердар Бердымухамедов передал ответные наилучшие пожелания высшему руководству дружественной страны и искренне поздравил Бернда Хайнце с назначением на важный пост, пожелав больших успехов в ответственной дипломатической работе по дальнейшему развитию и укреплению дружественных отношений между нашими странами.

Как было подчёркнуто, Федеративная Республика Германия является одним из важных партнёров Туркменистана в Европейском регионе. В настоящее время налажено эффективное межгосударственное сотрудничество во всех сферах, особенно в политико-дипломатической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной сферах.

Особо выделив позитивный характер политико-дипломатических отношений, глава государства с удовлетворением констатировал, что Туркменистан и Германия успешно сотрудничают не только на двусторонней, но и на многосторонней основе.

Об этом наглядно свидетельствует взаимная поддержка, оказываемая в рамках крупных и авторитетных международных организаций, в частности, ООН и её структур. Эта поддержка касается прежде всего международных инициатив, направленных на обеспечение мира, процветания и устойчивого развития во всём мире.

Также отмечалось, что в последние годы сотрудничество успешно развивается и в рамках диалога «Центральная Азия + Германия». Переговоры, проводимые в этом формате, способствуют эффективному обмену мнениями по вопросам, представляющим взаимный интерес.

По общему мнению, другим приоритетным вектором двусторонних отношений выступает партнёрство в торгово-экономической сфере. В данной связи было отмечено эффективное взаимодействие в таких важных областях, как промышленность, сельское хозяйство, банковское дело, транспортно-коммуникационный комплекс и т.д.

Особо подчеркнув продуктивность сотрудничества в рамках Восточного комитета германской экономики, глава Туркменского государства отметил весомый вклад компаний ФРГ в развитие экономики нашей страны на протяжении многих лет.

Примером эффективного сотрудничества могут служить и налаженные многолетние туркмено-германские отношения в сфере здравоохранения. Как известно, в рамках этого традиционного партнёрства действует ряд программ с целью обмена опытом с немецкими специалистами, повышения квалификации туркменских врачей и изучения ими самой передовой медицинской практики в Европе.

В ходе беседы, прошедшей в конструктивном ключе, также была отмечена важность дальнейшего развития налаженных культурно-гуманитарных связей, которые играют исключительно важную роль в укреплении межгосударственных отношений, сближении людей и взаимообогащении культур. По общему мнению, в интересах двух дружественных народов необходимо проводить взаимные культурные ярмарки, обмениваться опытом в области музейного дела, развивать взаимодействие в сфере образования.

Ещё раз поздравив Бернда Хайнце с началом работы в Туркменистане в качестве главы дипломатической миссии Федеративной Республики Германия, Президент Сердар Бердымухамедов выразил готовность оказать полномочному представителю дружественной страны всестороннюю помощь в работе, нацеленной на дальнейшее упрочение установившегося плодотворного межгосударственного диалога.

Поблагодарив за добрые напутствия, дипломат со своей стороны заверил, что приложит все силы для всестороннего развития традиционно дружественных отношений, продолжив взятый курс на интенсификацию туркмено-германского сотрудничества, всецело отвечающего интересам двух стран и их народов.



# Owganystanyň Türkmenistandaky Işleri wagtlaýyn ynanylan wekil bilen duşuşyk geçirildi

2024-nji ýylyň 26-njy iýulynda Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow Fazal Muhammed Sabire onuň Owganystanyň Türkmenistandaky Işeri wagtlaýyn ynanylan wekildigini tassyklaýan resminamany gowşurdy.

Owgan diplomaty birnäçe ýyllaryň dowamynda Aşgabatda öz ýurduna wekilçilik edýär.

Duşuşygyň barşynda taraplar iki doganlyk döwletiň arasyndaky ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň dostlukly häsiýetini bellediler. Türkmenistanyň we Owganystanyň gatnaşmagynda durmuşa geçirilýän iri göwrümli halkara energetika, ulag we infrastruktura taslamalarynyň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegi bilen baglanyşykly meseleleriň giň toplumyna garaldy.

Munuň özi ilkinji nobatda Türkmenistan Owganystan Pakistan Hindistan (TAPI) transmilli gaz geçirijisiniň taslamasy, Türkmenistan Owganystan Päkistan (TAP) ugry boýunça elektrik geçirijisiniň we optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamynyň, şeýle hem Türkmenistandan Owganystana çenli demir ýolunyň gurluşygydyr.

# The telephone conversation between the Ministers of Foreign Affairs of Turkmenistan and Mongolia



On July 26, 2024, a telephone conversation took place between the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov and the Minister of Foreign Affairs of Mongolia Ms. Battsetseg Batmunkh.

During the conversation, the parties discussed a wide range of issues regarding the further strengthening of traditionally friendly relations between Turkmenistan and Mongolia.

The interlocutors paid special attention to the preparations for the first state visit of the President of Mongolia Ukhnaa Khurelsukh to Turkmenistan.

# О телефонном разговоре Министров иностранных дел Туркменистана и Таджикистана



27 июля 2024 года состоялся телефонный разговор Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова с Министром иностранных дел Республики Таджикистан Сироджиддином Мухриддином.

В ходе телефонного разговора стороны обменялись мнениями о нынешнем состоянии и перспективах развития двусторонних отношений.

Главы внешнеполитических ведомств уделили особое внимание организации контактов на высшем уровне как в двустороннем формате, так и в рамках международных форумов и встреч.

Был подчеркнут конструктивный настрой на расширение и укрепление торгово-экономических и культурно-гуманитарных связей межу двумя государствами.

Интернет газета
Международные новости

# TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRI EÝRAN YSLAM RESPUBLIKASYNYŇ PREZIDENTINIŇ WEZIPÄ GIRIŞMEK DABARASYNA GATNAŞDY

30-njy iýulda Wise-premýer, Türkmenistanyň Daşary işler ministri, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-eýran toparynyň türkmen tarapynyň başlygy R.Meredow Prezident Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Eýran Yslam Respublikasyna iş saparyny amala aşyrdy hem-de bu ýerde Eýran Yslam



Respublikasynyň täze saýlanan Prezidenti Masud Pezeşkianyň wezipä girişmek dabarasyna gatnaşdy.

Saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň Daşary işler ministri dostlukly ýurduň Prezidenti tarapyndan kabul edildi. R.Meredow Eýran Yslam Respublikasynyň täze saýlanan Prezidentine Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Öz nobatynda Eýranyň Prezidenti ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna we hemmetaraplaýyn ösdürilmegine ägirt uly goşant goşýan Türkmenistanyň Prezidentine hem-de türkmen halkynyň Milli Liderine mähirli salamyny beýan etdi.

Söhbetdeşler duşuşygyň dowamynda özara hyzmatdaşlygyň ikitaraplaýyn görnüşde bolşy ýaly, halkara guramalarynyň çäklerinde hem üstünlikli ösdürilýändigini kanagatlanma bilen bellediler.

Soňky ýyllarda syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady hem-de medeni-ynsanperwer ulgamlarda iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlyk işjeň häsiýete eýe bolýar, bu gatnaşyklar hil taýdan täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýar.

# Türkmenistanyň Hazar deňziniň meseleleri boýunça pudagara toparynyň nobatdaky mejlisi geçirildi

2024-nji ýylyň 28-nji iýulynda Daşary işler ministrliginde Türkmenistanyň Hazar deňziniň meseleleri boýunça pudagara toparynyň 62-nji mejlisi geçirildi.

Mejlise Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň degişli orunbasarlary, birnäçe ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralarynyň ýolbaşçylary we wekilleri gatnaşdylar.



Mejlisiň gün tertibine Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň plenar mejlisinde öňe süren «Hazar ekologik başlangyjyny» ara alnyp maslahatlaşmak meselesi girizildi. Ol başlangyç Hazar deňziniň gurşawyny we biologik serişdelerini gorap saklamak, emele gelen ekologik meseleleri çözmek bilen bagly wezipeleriň giň toplumy boýunça jikme-jik we ýokary derejede hyzmatdaşlyk etmek üçin täze halkara platforma bolmaga niýetlenendir.

Duşuşygyň barşynda Türkmenistanyň Hazar deňziniň meseleleri boýunça pudagara toparynyň 2024-nji ýyl üçin Meýilnamasynda görkezilen wezipelere laýyklykda Toparyň şu ýylyň geçen alty aýynda alyp baran işleriniň netijeleri barada maglumat diňlenildi.

Şeýle-de mejlisde her ýylyň 12-nji awgustynda bellenilýän Hazar deňiziniň güni bilen baglanyşykly guramaçylyk meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Mejlise gatnaşyjylar Türkmenistanyň Hazar meseleleri boýunça deňagramly çözgütleri işläp düzmekde ençeme ýyllaryň dowamynda işjeňlik görkezýändigini we Hazar deňzi boýunça hyzmatdaşlygyň şertnamalaýyn-hukuk binýadynyň pugtalandyrylmagynda möhüm orny eýeleýändigini bellediler. Häzirki wagtda bu ugurdaky işler halkara hukugynyň çäginde hazarýaka ýurtlary bilen hyzmatdaşlykda dowam etdirilýär.

Mundan başga-da, ýokarda agzalan Meýilnamanyň ýerine ýetirilişiniň çäklerinde öňde durýan wezipelere aýratyn üns berildi.

# HALKARA GURAMALARYŇ WEKILLERINIŇ GATNAŞMAGYNDA TÜRKMENISTANYŇ ADAM HUKUKLARY BABATDA HALKARA BORÇNAMALARYNYŇ WE HALKARA YNSANPERWER HUKUGYNYŇ ÝERINE ÝETIRILMEGINI ÜPJÜN ETMEK BOÝUNÇA PUDAGARA TOPARYNYŇ NOBATDAKY MEJLISI GEÇIRILDI

2024-nji ýylyň 29-njy iýulynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň we halkara ynsanperwer hukugynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça Pudagara toparynyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Oňa Türkmenistanyň Mejlisiniň, birnäçe ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, ýurudumyzyň jemgyýetçilik guramalarynyň we halkara guramalarynyň wekilleri gatnaşdylar.

Türkmenistan Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda, döredijilikli daşary syýasat strategiýasyny durmuşa geçirip, halkara gün tertibinde, şol sanda ýokary ynsanperwer ideallaryň we gymmatlyklaryň döredilmeginde häzirki meseleleri çözmäge gönükdirilen başlangyçlary öňe sürýär. Döwlet syýasatynyň esasy tarapy hökmünde adam hukuklarynyň we bähbitleriniň goralmagyny yglan eden we umumy ykrar edilen halkara kadalarynyň ileri tutulýan ugurlaryny ykrar eden Bitarap Türkmenistan halkara borçnamalaryny yzygiderli ýerine ýetirýär.

Gün tertibe laýyklykda pudagara toparyň 2024-nji ýylyň alty aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijeleriniň hasabaty diňlenildi we adam hukuklary babatynda milli meýilnamalary durmuşa geçirmek boýunça öňde duran wezipeleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Mejlisde çykyş edenler, şu ýylyň 12-nji iýulynda geçirilen Giňişleýin Hökümet mejlisinde Döwlet baştutanymyz tarapyndan kesgitlenen wezipelere mynasyp goşant goşmak üçin, Birleşen Milletler Guramasynyň düzümleri we beýleki halkara guramalarynyň wekilhanalary bilen işjeň, netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň ähmiýetini bellediler. Pudagara topar ýurdumyzyň ynsanperwer hukugy çygryndaky halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmäge gönükdirilen toplumlaýyn işleri amala aşyrýar. Mejlise gatnaşyjylar döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik birleşikleriniň adam hukuklaryny üpjün etmek we halkara ynsanperwer hukugyny amala aşyrmak boýunça geljekde ýerine ýetirilmeli işleriniň ileri tutulýan ugurlaryny ara alyp maslahatlaşdylar. Mejlisiň dowamynda nygtalşyna görä, ýurdumyzda durmuşa geçirilýän demokratik özgertmeleriň esasy görkezijisi bolup, ilatyň bagtyýar ýaşaýyş durmuşy üçin mynasyp şertleri döretmegiň, raýatlaryň konstitusion hukuklarynyň we azatlyklarynyň üpjün edilmeginiň durýandygyny bellediler.

Pudagara toparyň mejlisine gatnaşyjylar hasabat döwründe ýurdumyzy has demokratiýalaşdyrmak we döwletiň kanuny esaslaryny berkitmek maksady bilen birnäçe çäreleriň durmuşa geçirilendigini bellediler.

Hasabat döwründe geçirilen işleriň netijelerini ara alyp maslahatlaşmagyň çäginde çykyş edenler BMG-nyň Adam hukuklary komitetleriniň raýatlaryň hukuklaryny we bähbitlerini üpjün etmek baradaky tekliplerinïň ähmiýetine ünsi çekdiler.

Halkara bileleşigi tarapyndan kabul edilen Durnukly Ösüş Maksatlary durnukly ykdysady durmuş ösüşini we daşky gurşawy goramak üçin birnäçe bilelikdäki hereketleri göz öňünde tutýar. Olar Türkmenistanyň BMG-niň düzümleri we beýleki halkara guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk etmek üçin goşmaça mümkinçilikleri döredýän adam hukuklary bilen gönüden-göni baglanyşykly wezipeleriň toplumyny öz içine alýar.

Türkmenistan halkara arenasynda konstruktiw hyzmatdaşlyk syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirýär, adam hukuklary, gender deňligi, enäniň we çaganyň saglygyny goramak, maýyplaryň huuklaryny üpjün etmek, ýaşlar syýasaty we beýleki ugurlarda ählumumy parahatçylygy we durnukly ösüşi güýçlendirmekde BMG-niň düzümleri bilen hyzmatdaşlygy giňeltmäge uly ähmiýet berýär.

Hyzmatdaşlygyň her bir ugry, halkara guramalary bilen bilelikdäki degişli meýilnamalara we taslamalara esaslanyp, alnyp barylýan işlerde aýdyň şöhlelenýär. Pudagara toparyň mejlisine gatnaşyjylar halkara guramalary bilen mundan beýläk-de hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen ynsanperwerlik çygryndaky toplumlaýyn wezipeleri ara alyp maslahatlaşdylar. BMG-niň halkara resminamalaryna laýyklykda milli hasabatlary, synlary taýýarlamak, adam hukuklaryny goramak boýunça öňdebaryjy tejribäni öwrenmek ugrunda yzygiderli geçirilýän seminarlaryň, maslahatlaryň we geňeşmeleriň ähmiýetine aýratyn üns berildi.

Pudagara toparyň agzalary umumy Durnukly Ösüş Maksatlaryna ýetmek, adam hukuklarynyň we milli durmuş-ykdysady ösüş maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek üçin halkara guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk üçin ähli tagallalary etmäge taýýardyklaryny mälim etdiler.

Duşuşygyň ahyrynda halkara guramalarynyň wekilhanalaryna netijeli hyzmatdaşlyk, taslamalary we maksatnamalary işläp düzmek we durmuşa geçirmek boýunça bilelikdäki işleri goldaýandyklary üçin hoşallyk bildirildi.

Pudagara toparyň mejlisinde başga-da birnäçe meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Интернет газета
Международные новости

## Meeting of the National Commission of Turkmenistan for UNESCO



On July 27, 2024, the consecutive meeting of the National Commission of Turkmenistan for UNESCO was held under the chair of the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov. The heads and representatives of profile ministries and agencies of the country took part in the work of the session.

During the meeting, a wide range of issues of cooperation within the framework of this specialized UN agency were discussed, collaboration plans for the near future were outlined, particularly in regard to proposals set forth by our country on including national values in the Representative List of the Intangible Cultural Heritage of Humanity.

Opening the session, R.Meredov summarized the results of the work of the Interdepartmental Commission for UNESCO for six months of 2024 as well as defined the priority spheres of its further activities.

Then, information was presented on the results of the work of the National Commission of Turkmenistan for UNESCO for the past period in accordance with the instructions of the President of Turkmenistan, including on the tasks outlined in the Plan for 2024.

Among the most important events, the 10th meeting of the National Commissions for UNESCO of the member states of the International Organization of Turkic Culture (TURKSOY) held on May 16th in Ashgabat was emphasized, upon the completion of which a Final Document was adopted.

It was also noted that during the first half of the year, the activities on protection, detailed study and conservation of the Amul and Akjagala monuments entered in the UNESCO World Heritage List in the framework of serial nomination «Great Silk Road: Zarafshan-Karakum Corridor» were carried out.

Special attention was paid to joint efforts on including the national values of Turkmenistan to the UNESCO World Heritage List. In this context, the activities related to identification, research and inclusion of written monuments into the regional and international UNESCO Memory of the World register were voiced.

During the meeting of the National Commission of Turkmenistan for UNESCO, such relevant issues as strengthening the role of our country in large structural divisions of UNESCO, expanding international scientific interaction, opportunities for cooperation on digital projects and information exchange were considered, including organizational and other matters.

## В ИМО МИД Туркменистана отметили 80-летие ветерана дипломатической службы Амангельды Рахманова

25 июля в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана состоялось торжество в честь 80-летнего юбилея Чрезвычайного и Полномочного Посла Туркменистана, Заслуженного дипломата Туркменистана, заведующего кафедрой международных отношений и дипломатии, профессора Амангельды Рахманова.

В праздничном мероприятии приняли участие руководство и профессорско-преподавательский состав института.

В адрес уважаемого юбиляра, авторитетного ученого и ветерана дипломатической службы Амангельды Рахманова звучали искренние поздравления и теплые пожелания, слова благодарности за самоотверженный, добросовестный многолетний труд во имя процветания, стабильности и благополучия Отчизны, защиты национальных интересов Родины в сфере международных отношений.

Как подчеркивали выступавшие, профессор Амангельды Рахманов за многие годы кропотливой и неустанной работы внес весомый достойный вклад в реализацию внешнеполитической стратегии государства. Профессионал своего дела, после обретения независимости Туркменистаном стал первым Постоянным Представителем Туркменистана при Организации Объединенных Наций, с честью выполнял ответственную дипломатическую миссию, выступая от лица нашего государства в разных странах мира.

Заслуженный дипломат, будучи верным сыном своего народа, всю свою жизнь посвятил служению Родине и сегодня продолжает плодотворную целенаправленную работу на благо страны. С гордостью отмечалось, что Амангельды Рахманов ведет активную деятельность в стенах ИМО МИД Туркменистана и является одним из



лучших наставников для молодежи, профессор с радостью передает свои знания учащимся, поддерживает их стремления, делится ценным опытом со студентами и преподавателями вуза. Наставления и уроки старейшего дипломата играют важную роль в воспитании талантливой, способной и всесторонне развитой молодежи, профессиональном становлении будущих специалистов-международников высокого класса.

В завершение мероприятия участники пожелали уважаемому дипломату крепкого здоровья, долгих лет жизни и дальнейших успехов в своей благородной и важной деятельности. В торжественной атмосфере представители ИМО МИД Туркменистана вручили дорогому юбиляру памятные подарки и букеты цветов.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Состоялась встреча Посла Туркменистана с Заместителем министра иностранных дел Турецкой Республики*

26 июля 2024 года состоялась встреча Чрезвычайного и Полномочного Посла Туркменистана в Турции Мекана Ишангулыева с Заместителем министра иностранных дел Турецкой Республики Айше Беррис Экинджи.

В ходе встречи стороны обсудили текущее состояние и перспективы развития двустороннего политического, торгово-экономического и культурно-гуманитарного сотрудничества. Особое внимание уделено планируемым визитам и встречам на высшем и высоком уровнях в этом году.

Кроме того, были обсуждены вопросы проведения совместных мероприятий по случаю празднования 300-летия со дня рождения великого классика литературы Востока Махтумкули Фраги.

### *Актуальные вопросы туркмено-казахстанского партнерства обсуждены по телефону*

29 июля 2024 года Заместитель Председателя Кабинета Министров Туркменистана, Министр иностранных дел Рашид Мередов побеседовал по телефону с Заместителем Премьер-Министра – Министром иностранных дел Республики Казахстан Муратом Нуртлеу.

В ходе разговора министры рассмотрели ключевые направления двустороннего партнёрства. Было отмечено, что главным фактором развития отношений между Туркменистаном и Казахстаном является дружеский диалог на высшем политическом уровне.

Особо подчеркнуто, что встречи глав государств, лидеров двух стран придают импульс дальнейшему углублению и развитию межгосударственных отношений по широком спектру.

Стороны также подробно обсудили сотрудничество в рамках международных организаций и многосторонних структур.

### *Выпускник ИМО МИД Туркменистана принял участие в Форуме финалистов Конкурса им. А.А.Громыко*

Выпускник Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана Сердар Рахымов представил страну на Форуме финалистов Конкурса молодых международников СНГ имени А.А.Громыко, состоявшемся в Москве с 22 по 25 июля.

Мероприятие объединило представителей ведущих университетов, академических институтов, органов государственной власти, общественных и бизнес-структур из России, Беларуси, Армении, Казахстана, Кыргызстана, Молдовы, Таджикистана, Туркменистана и Узбекистана.

В этом году в конкурсе приняли участие свыше 560 человек из 10 стран СНГ. В финал посчастливилось попасть более 50 участникам, в число которых вошел Сердар Рахымов.

Представляя Туркменистан на Форуме финалистов Конкурса молодых международников СНГ имени А.А.Громыко, выпускник ИМО МИД Туркменистана успешно презентовал научную работу на тему «Роль энергетического потенциала во внешнеполитической стратегии государств Каспийского региона» и был награжден дипломом.

*Материалы подготовлены на основе интернет-источников.*